«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň rektory
__________ P.Baýramdurdyýew

«__» __________2026ý.

**2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy- parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Parahatçylyk, gülläp ösüş, behişdi bedew» atly makala ýazmak boýunça geçiriljek bäsleşigiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda: «Türkmenler üçin at baýlygyň baş seresi, baş ölçegi boldy. Çünki durmuşyň köptaraplylygynyň, ýagny maddy we ruhy baýlyklaryň bir bitewi ulgama goşulyşmagynyň gözbaşy hem şondan gaýdýar» diýip belleýär. Parahatçylyk, ynanyşmak, asudalyk, agzybirlik — biziň baş taglymatymyz bolsa, bedew atlarymyz — göwün guşumyz, Garaşsyzlygymyz hem-de hemişelik Bitaraplygymyz — uçar ganatymyz. Bedew at — bizi maksat-myradymyza ýetirýär. At toýnagynyň sesi — parahatçylygyň simfoniýasy bolup ýaňlanýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Türkmenistanyň Bitaraplygy-parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda «Ahalteke bedewi, türkmen alabaýy diňe bir Türkmenistanyň milli baýlygy däl, eýsem, bütin dünýäniň medeni mirasy bolup durýar» diýip belleýär. Munuň özi bedewleriň müňýyllyklaryň dowamynda halkymyzyň durmuşynyň aýrylmaz bölegi bolup gelendigine şaýatlyk edýär. Şol söýginiň netijesinde ahalteke bedewleriniň şan-şöhraty mähriban topragymyzyň çäginden çykyp, dünýä ýüzüne ýaýrady. Bu ugurda 2007-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy esasynda döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna uly orun degişlidir. Şondan bäri bu topar dünýä döwletleriniň ençemesinde baş baýraklara, altyn kuboklara mynasyp bolyp, üstünlikli çykyşlary bilen ýurdumyzyň abraýyny has-da artdyrdy. Hormatly Prezidentimiz Täze ýyl Gutlagynda: «2026-njy ýyl — Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly. Türkmen halky öz arzuwlaryny, belent maksatlaryny ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrýar. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyzdyr, şöhratymyzdyr» diýip belleýär.

Eziz Diýarymyzda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi bilen bu şygaryň many-mazmunyny ýaşlara düşündirmek, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy-parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyndan ugur alyp hemişelik Bitaraplygymyzyň halkara dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmekdäki, asudalygy üpjün etmekdäki ähmiýetini wagyz etmek, talyp ýaşlaryň döredijilik başarnyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy-parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Parahatçylyk, gülläp ösüş, behişdi bedew» atly makala ýazmak boýunça döredijilik bäsleşigini yglan edýär.

## I. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy-parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlar dogrusynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Parahatçylyk, gülläp ösüş, behişdi bedew» atly makala ýazmak boýunça geçiriljek döredijilik bäsleşiginiň esasy maksady Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan parasatly we öňdengörüjilikli syýasatyny, behişdi bedewlerimize goýulýan sarpany ýaşlaryň arasynda wagyz etmekden, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň täze kitabynda beýan edilýän maglumatlaryň we 2026-njy ýylyň şygaryndaky dürdäne jümleleriň ähmiýetini açyp görkezmekden, talyp ýaşlaryň döredijilik başarnyklaryny ösdürmekden, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda döredijilik hyzmatdaşlygyny ýokarlandyrmakdan, döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlary goldamakdan we höweslendirmekden ybaratdyr.

## II. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIRILIŞI

1. Bäsleşik ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilip her ýokary okuw mekdebinden sany 3-den köp bolmadyk talyp gatnaşyp biler;
2. Her awtor bäsleşige 1 sany makala hödürläp biler;
3. Bäsleşige hödürlenýän makalalar onda beýan edilýän maglumatlaryň many-mazmunynyň açylyp görkezilişine, bäsleşigiň temasyna kybap gelişine, özara sazlaşygyna we diliň çeperçilik serişdeleriniň dogry ulanylyşyna, makalanyň tekstiniň grammatik taýdan hem-de stilistik taýdan sagdynlygyna, awtoryň öz şahsy pikirlerini we garaýyşlaryny beýan edip bilşine görä bahalandyrylar;
4. Bäsleşige hödürlenýän makalalar öň hiç ýerde neşir edilmedik bolmaly;

5. Bäsleşige hödürlenilýän makalanyň bäsleşigiň temasyna laýyk gelýän ady bolmaly we makalanyň möçberi 3 sahypadan geçmeli däl (şrifti Times New Roman, ölçegi 14 pt, setir arasy 1);
6. Bäsleşige hödürlenýän makalalarda awtor baradaky maglumatlar *(gatnaşyjynyň familiýasy, ady, bilim alýan ýokary okuw mekdebi, hünäri, ýyly we telefon belgisi)* makalanyň ahyrynda doly görkezilmeli;
7. Döredijilik bäsleşigine awtoryň makalasy «Parahatçylyk, gülläp ösüş, behişdi bedew» atly makala ýazmak bäsleşigine diýen ýazgy bilen hödürlenilmeli;
8. Bäsleşige hödürlenýän makalalaryň elektron görnüşini 2026-njy ýylyň fewral aýynyň 23-ine çenli haa.yashlar@gmail.com salgysyna ibermeli;
9. Bäsleşige degişli goşmaça soraglar boýunça Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Magtymguly adyndaky ilkinji Ýaşlar guramasyna ýüz tutmaly *(habarlaşmak üçin +99364520212).*

## III. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşigiň jemleri baradaky maglumat Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň *ihba.edu.tm* saýtynda ýerleşdiriler;
2. Bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňijilere degişlilikde I, II, III orunlar beriler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan diplomlar gowşurylar.